#131 (153)
среда, 28 июня 2023 года
Интернет газета
Международные новости
Учредитель — Министерство иностранных дел Туркменистана



# MINISTRLER KABINETINIŇ MEJLISI

***23-nji iýunda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisini geçirdi. Onda ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň meseleleri ara alnyp maslahatlaşyldy we käbir resminamalaryň taslamalaryna garaldy.***

### *Milli parlamentde*

Ilki bilen, Mejlisiň Başlygyna söz berildi. Ol alnyp barylýan işler, şol sanda milli parlamentiň ýedinji çagyrylyşynyň ikinji mejlisiniň jemleri barada maglumat berdi. Maslahatda hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda ýurdumyzda ýaýbaňlandyrylan giň gerimli özgertmeleriň kanunçylyk binýadyny pugtalandyrmak boýunça geçirilýän işleriň çäklerinde işlenip taýýarlanylan kanunlaryň birnäçesi kabul edildi.

Şunuň bilen birlikde, Moldowa Respublikasynyň, Müsür Arap Respublikasynyň, Slowakiýa Respublikasynyň ilçileri bilen geçirilen duşuşyklar barada habar berildi. Beýik Britaniýanyň, Ýaponiýanyň, Ermenistanyň, Kataryň ilçileri, ÝHHG-niň Milli azlyklaryň işi boýunça Ýokary komissarynyň ýolbaşçylygynda ýurdumyza gelen wekiliýetiň agzalary hem-de Ýewropa parlamentiniň Merkezi Aziýa ýurtlary we Mongoliýa boýunça wekiliýeti bilen geçirilen duşuşyklarda ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmegiň meseleleri ara alnyp maslahatlaşyldy. Şeýle-de «Ýewropa Bileleşigi — Türkmenistan» parlamentara dialogynyň 6-njy mejlisiniň geçirilendigini habar berdi.

### *Ykdysadyýetde*

2022-nji ýylyň dekabr aýynda «Ilat ýazuwy — 2022: Jebislik. Bagtyýarlyk. Röwşen geljek» şygary astynda geçirilen Türkmenistanyň ilatynyň we ýaşaýyş jaý gorunyň uçdantutma ýazuwynyň netijeleri barada Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň degişli orunbasarynyň hasabatynda aýdyldy.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, wise-premýer Ministrler Kabinetiniň şu ýylyň birinji ýarymynyň jemlerine bagyşlanyp geçiriljek mejlisinde bu babatda giňişleýin hasabat bermegi tabşyrdy.

### *Medeniýetde*

Mejlisde şu ýylyň iýul aýynda geçiriljek esasy çäreler baradaky hasabatda öňümizdäki aýda ýurdumyzyň welaýatlarynda, Aşgabat we Arkadag şäherlerinde 2023-nji ýylyň «Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýyly» diýlip yglan edilmegi, Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygy mynasybetli maslahatlary, döredijilik duşuşyklaryny, brifingleri, şeýle hem «akylly» şäher bolan Arkadag şäheriniň mümkinçilikleri bilen tanyşdyrýan wagyz-nesihat çärelerini geçirmegiň meýilleşdirilýändigi nygtaldy. Şeýle hem yglan edilen döredijilik bäsleşikleriniň jemlerini jemlemek, sportuň dürli görnüşleri boýunça ýaryşlary geçirmek göz öňünde tutulýar. Çagalar dynç alyş we sagaldyş merkezlerinde-de köpçülikleýin medeni çäreler, bäsleşikler, sport ýaryşlary geçiriler.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, wise-premýere geçirilmegi meýilleşdirilýän medeni çäreleriň ýokary guramaçylyk derejesini üpjün etmegi tabşyrdy.

### *Ýaşlar syýasaty*

Wise-premýer döwlet Baştutanymyzyň garamagyna 2019-njy ýylyň 3-nji fewralynda Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan tassyklanan Orta hünär we ýokary hünär bilimi edaralarynyň uçurymlaryny işe ýollamagyň Düzgünnamasyna üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek hakynda Kararyň taslamasyny hödürledi.

Onda Ahal welaýatyndan we Aşgabat şäherinden ýurdumyzyň orta hünär we ýokary okuw mekdeplerini üstünlikli tamamlaýan uçurymlary Arkadag şäherine işe ýollamak göz öňünde tutulýar.

Hormatly Prezidentimiz degişli Karara gol çekdi we ony sanly ulgam arkaly wise-premýere iberip, resminamanyň talabalaýyk ýerine ýetirilmegi babatda anyk tabşyryklary berdi.

### *Daşary syýasatda*

Ministrler Kabinetiniň mejlisinde wise-premýer, daşary işler ministri BMG bilen hyzmatdaşlyk etmek babatda birnäçe teklipleri, şol sanda BMG-niň Ykdysady we Durmuş geňeşiniň ýokary derejeli syýasy forumynyň çäklerinde Türkmenistanyň ikinji Meýletin milli synyny hödürlemek baradaky teklibi beýan etdi.

Iýul aýynda Nýu-Ýorkda geçiriljek bu forumyň dowamynda ýurdumyzyň wekiliýeti tarapyndan BMG-niň Ilatly nokatlar boýunça maksatnamasy, Daşky gurşaw boýunça maksatnamasy, Ýewropa ykdysady komissiýasy hem-de BMG-niň Türkmenistandaky hemişelik utgaşdyryjysynyň wekilhanasy bilen bilelikde Arkadag şäheriniň tanyşdyrylyşy boýunça ugurdaş çäräni geçirmek teklip edilýär. Şunda «akylly» şäher konsepsiýasy esasynda döredilen Arkadag şäheriniň Durnukly ösüş maksatlarynyň 11-nji maksadynyň talaplaryna doly laýyk gelýändigi bellenildi. Bu maksat şäherleriň we ilatly nokatlaryň açyklygyny, howpsuzlygyny, durmuşa ukyplylygyny, ekologik taýdan durnuklylygyny üpjün etmekden ybaratdyr.

Şeýle hem awgust aýynda ýokarda agzalan forumyň jemleri boýunça BMG-niň edaralarynyň wekilleriniň gatnaşmagynda Durnukly ösüş maksatlaryny amala aşyrmak boýunça ýurdumyzda görülýän toplumlaýyn çärelere bagyşlanan «tegelek stoluň» başyndaky söhbetdeşligi guramak teklip edildi. Mundan başga-da, DÖM-niň ýurdumyzda durmuşa ornaşdyrylmagy boýunça maglumat binýadyny öz içine alýan internet meýdançasyny Statistika baradaky döwlet komitetiniň «stat.gov.tm» internet saýtynda ýerleşdirmek, şeýle hem türkmen tarapynyň BMG-niň Baş Assambleýasynyň 78-nji sessiýasynyň çäklerinde şu ýylyň sentýabr aýynda geçiriljek Durnukly ösüş maksatlarynyň sammitine gatnaşmagy boýunça teklipler beýan edildi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, Birleşen Milletler Guramasy bilen netijeli hyzmatdaşlygyň Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridigini nygtady. Döwlet Baştutanymyz hödürlenen teklipleri makullap, BMG bilen strategik häsiýete eýe bolan köpýyllyk gatnaşyklaryň ençeme ugurlary öz içine alýandygyny we uly mümkinçiliklere eýedigini belledi.

Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz wise-premýere, daşary işler ministrine degişli işleri toplumlaýyn we yzygiderli esasda dowam etdirmegi tabşyrdy.

* * *

Mundan başga-da, Hökümet maslahatynda ykdysadyýetde, Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginde, bilim, ylym, saglygy goraýyş we sport ulgamlarynda, dokma önümçiliginde, nebitgaz toplumynda, oba hojalygynda alnyp barylýan işlere garalyp, degişli çözgütler kabul edildi.

***28-nji iýunda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň we Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň bilelikdäki mejlisini geçirdi. Arkadag şäheriniň dabaraly açylyşyna taýýarlyk görmek mejlisiň esasy meselesi boldy. Şeýle hem onuň gün tertibine beýleki birnäçe meseleler girizildi.***

# MÖHÜM MESELELER ÜNS MERKEZINDE

Ilki bilen, Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň medeniýet ulgamyna gözegçilik edýän orunbasaryna söz berildi. Ol şu ýylyň 22 — 27-nji iýuny aralygynda paýtagtymyzda ýokary derejede geçirilen Medeniýet hepdeliginiň jemleri barada hasabat berdi. Döwlet Baştutanymyz türkmen halkynyň köpasyrlyk taryhynyň we baý milli mirasynyň bardygyny belledi. Şunda bu mirasy düýpli öwrenmek, medeniýeti, sungaty ösdürmek we kämilleşdirmek, dünýäniň halklary bilen ynsanperwer gatnaşyklary pugtalandyrmaga gönükdirilen wezipeleriň wajypdygyna üns çekildi, bu babatda birnäçe tabşyryklar berildi.

Wise-premýeriň hasabatynyň dowamynda TÜRKSOÝ guramasynyň döredilmeginiň 30 ýyllygy mynasybetli geçirilen Türki döwletleriň Medeniýet hepdeliginiň netijeleri barada hem aýdyldy. Hormatly Prezidentimiz TÜRKSOÝ-na agza ýurtlar bilen dost-doganlyk gatnaşyklarynyň berkidilmeginiň döwletimiziň daşary syýasy strategiýasynda aýratyn orny eýeleýändigini belläp, 2024-nji ýylda Ahal welaýatynyň çäginde ýerleşýän Arkadag şäherinde nobatdaky Medeniýet hepdeligini geçirmek hakynda Karara gol çekdi.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri Arkadag şäheriniň açylyşyna taýýarlyk görmegiň çäklerinde alnyp barylýan işler barada hasabat berdi. Bellenilişi ýaly, Arkadag şäheriniň Ruhyýet köşgünde we häkimliginde iri çäreler meýilleşdirilip, şolaryň barşynda halkara sylaglary gowşurmak dabarasy, Arkadag, Aşgabat şäherleriniň we daşary ýurtlaryň ençeme şäherleriniň arasynda doganlyk gatnaşyklaryny ýola goýmaga, hyzmatdaşlygy ösdürmäge gönükdirilen resminamalaryň birnäçesine gol çekmek dabarasy bar. 30-njy iýun — 4-nji iýul aralygynda halkara derejeli forumlaryň 17-si geçiriler.

Mundan başga-da, Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Arkadag şäheriniň gurluşygy boýunça döwlet komitetiniň başlygynyň Arkadag şäheriniň desgalaryny ulanmaga bermäge görülýän taýýarlyk baradaky hasabatyny diňläp, döwlet Baştutanymyz Ahal welaýatynyň çägindäki täze şäheriň türkmen halkynyň Milli Lideriniň başlangyjy bilen gurlandygyny belledi. Şoňa görä-de, golaýda Arkadag şäheriniň gurluşygynyň ikinji tapgyrynyň düýbüniň tutulandygy nygtalyp, onuň çäklerinde, esasan, önümçilik kuwwatlyklarynyň guruljakdygy bellenildi. Mejlisiň barşynda döwlet durmuşynyň käbir beýleki möhüm meselelerine-de garaldy we olar boýunça degişli çözgütler kabul edildi.

Belläp geçsek, Ministrler Kabinetiniň we Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň bilelikdäki mejlisi tamamlanandan soňra, oňa gatnaşanlara Gahryman Arkadagymyzyň zehininden dörän «Ömrümiň manysynyň dowamaty» we «Arkadag şäheri — geljegiň şäheri» atly kitaplar gowşuryldy. Bilelikdäki mejlise gatnaşyjylar täze kitaplary mukaddes gymmatlyk hökmünde kabul etdiler.

# ULAG DÜZÜMI KÄMILLEŞDIRILÝÄR




24-nji iýunda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow bilen türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow bilelikde Aşgabat şäheri boýunça iş saparyny amala aşyryp, paýtagtymyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň maksatnamasynyň ýerine ýetirilişi bilen tanyşdylar.

Ir bilen Gahryman Arkadagymyz Arkadagly Serdarymyz paýtagtymyzyň Halkara howa menziliniň çäklerinde ýerleşýän täze desgalar bilen tanyşdylar. «Türkmenhowaýollary» agentliginiň ýolbaşçysy desgalaryň enjamlaşdyrylyşy hem-de uçarlara tehniki hyzmatlaryň ýola goýluşy barada hasabat berdi. Onda ýakynda hormatly Prezidentimiziň tagallalary bilen ýurdumyza 2 sany «Airbus A330-200P2F» kysymly ýük uçary gelip gowşandygy, mundan başga-da, hormatly Prezidentimiziň başlangyjy esasynda ýene-de 7 sany uçaryň satyn alynmagynyň meýilleşdirilýändigi aýdylýar.

Hormatly Prezidentimiz we Gahryman Arkadagymyz bu desgalaryň gurluş aýratynlyklary, olaryň enjamlaşdyrylyş derejesi bilen içgin gyzyklandylar.

Döwlet Baştutanymyz häzirki zaman uçarlarynyň tehniki görkezijileriniň ýokary halkara talaplara laýyk gelýändigini, şunda degişli tehniki kadalaryň berk berjaý edilmelidigini belläp, bu babatda agentligiň ýolbaşçysyna birnäçe anyk görkezmeleri berdi.

Hormatly Prezidentimiz bilen Gahryman Arkadagymyz dikuçarlaryň ýagdaýy, olara edilýän tehniki hyzmatlar bilen gyzyklandylar.

Soňra döwlet Baştutanymyz hem-de Gahryman Arkadagymyz dikuçarlaryň türgenleşik nokadyna gelip, geljekki uçarmanlary taýýarlamak üçin niýetlenen döwrebap, sanlylaşdyrylan ýörite türgenleşik tehnologiýasynyň aýratynlyklaryny synagdan geçirdiler.

Hormatly Prezidentimiz hem-de Gahryman Arkadagymyz türgenleşik nokadynyň mümkinçilikleri bilen tanyşlykdan soň, «Türkmenhowaýollary» agentliginiň Hökümet awiasiýa toparynyň binasyna bardylar. Döwlet Baştutanymyz hem-de Gahryman Arkadagymyz binanyň içinde ýaşamak, dynç almak üçin niýetlenen otaglar bilen tanyşdylar.

Soňra hormatly Prezidentimiz hem-de Gahryman Arkadagymyz ulag ulgamynyň ýolbaşçylaryna alyp barýan işlerinde üstünlikleri arzuw edip, bu ýerden ugradylar.

Hormatly Prezidentimiz we Milli Liderimiz paýtagtymyzyň demirgazyk böleginde gurulýan söwda we dynç alyş merkeziniň ýanyna geldiler. Bu ýerde gurluşygy alnyp barylýan desgalaryň we durky täzelenilmegi meýilleşdirilýän toplumlaryň taslamalarydyr çyzgylary görkezildi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň gurluşyk we senagat toplumyna gözegçilik edýän orunbasary B.Annamämmedow bu ýerde alnyp barylýan işler, gurulýan binalaryň ýanaşyk ýerleriniň abadanlaşdyrylyşy baradaky hasabatyň çäklerinde paýtagtymyzda gurluşygy dowam edýän binalaryň we durky täzelenilmegi meýilleşdirilýän ýol-ulag düzümine degişli desgalaryň taslamalaryny, olaryň ýerleşjek ýerleriniň çyzgylaryny görkezdi.

Görkezilýän taslamalar we çyzgylar bilen tanyşlygyň dowamynda hormatly Prezidentimiz hem-de türkmen halkynyň Milli Lideri olara birnäçe bellikleri aýtdylar hem-de degişli düzedişleri girizdiler.

Döwlet Baştutanymyz häzirki döwürde şäher ilatynyň oňaýly durmuşyny üpjün edýän, sanly ulgama daýanýan enjamlar ornaşdyrylan merkezleriň döredilmegine möhüm ähmiýet berilmelidigini bellemek bilen, bu babatda degişli ýolbaşçylara anyk tabşyryklary berdi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow we türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow hemmelere üstünlik arzuw edip, bu ýerden ugradylar.

# TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI TÜRKI DÜNÝÄNIŇ INŽENERLER WE BINAGÄRLER BIRLEŞIGINIŇ ÝOLBAŞÇYSYNY KABUL ETDI

***2023-nji ýylyň 28-nji iýunynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Arkadag şäheriniň döwlet derejesinde geçirilýän açylyş dabaralaryna gatnaşmak üçin ýurdumyza gelen Türki dünýäniň inženerler we binagärler birleşiginiň ýolbaşçysy Ilýas Demirjini kabul etdi.***

Myhman wagt tapyp kabul edendigi üçin tüýs ýürekden hoşallyk bildirip, häzirki döwürde sazlaşykly ösüş ýoluna düşen Türkmenistanyň özboluşly keşbini döretmäge goşan şahsy goşandyny nazara alyp, dabaraly ýagdaýda döwlet Baştutanymyza "Türki dünýä ýokary hyzmatlary üçin" atly medaly gowşurdy.

Hormatly Prezidentimiz abraýly düzümiň ýolbaşçysyny sahawatly türkmen topragynda görýändigine şatdygyny aýdyp, Ilýas Demirjä hem-de birleşigiň ähli agzalaryna bildirilen hormat üçin minnetdarlygyny beýan etdi we bu sylagy Türkmenistanyň binagärlik, inženerçilik, şäher gurluşygy babatda ýeten derejesine berlen ýokary baha hökmünde kabul edýändigini aýtdy.

Bellenilişi ýaly, ykdysadyýetimizde amala aşyrylýan özgertmeler ýurdumyzyň ýokary depgindäki durnukly ösüşini üpjün edýär. Kabul edilen maksatnamalaryň çäklerinde täze şäherler, şäherçeler, obalar, dürli maksatly desgalar we önümçilik kärhanalary gurlup ulanmaga berilýär. Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň başlangyjy bilen Arkadag şäheriniň bina edilmegi durmuş maksatly syýasatymyzyň üstünliklere beslenýändigini görkezýär. Bu şäher öz tehniki we tehnologik häsiýeti boýunça tapawutlanýan täze ölçeglere esaslanýan "akylly" şäheriň nusgasydyr. Täze şäherde halkara ölçeglere laýyk gelýän köp sanly durmuş-medeni maksatly binalar, sport desgalary, inženerçilik ulgamlary guruldy. Şeýle hem şäheriň daşky gurşawyny goramak, tebigat bilen sazlaşygyny gazanmak üçin zerur çäreler görüldi diýip, döwlet Baştutanymyz belledi we myhmanlaryň saparyň dowamynda täze şäher bilen ýakyndan tanyşmaga mümkinçilikleriniň boljakdygyna ynam bildirdi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hyzmatdaşlyk meseleleri barada aýdyp, türki halklary umumy taryhyň, medeniýetiň, durmuş gymmatlyklarynyň birleşdirýändigini kanagatlanma bilen belledi. Şoňa görä-de, türki döwletler bilen netijeli gatnaşyklary ösdürmek ýurdumyzyň daşary syýasatynda möhüm orny eýeleýär diýip, döwlet Baştutanymyz belledi we Türki dünýäniň inženerler we binagärler birleşigi bilen hyzmatdaşlyk etmegiň mümkinçiliklerine, öňdebaryjy tehnologiýalar hem-de dolandyryş çözgütleri esasynda, şäher gurluşygyny kämilleşdirmekde inženerçiligiň gazananlary babatda tejribe alyşmak meselelerine garaljakdygyny aýtdy.

Türkmen tarapynyň hyzmatdaşlygyň dürli ugurlary boýunça anyk teklipleri öwrenmäge taýýardygyny belläp, hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Türki dünýäniň inženerler we binagärler birleşiginiň ýolbaşçysy Ilýas Demirjä gowşurylan ýokary sylagy üçin ýene-de bir gezek minnetdarlyk bildirdi hem-de oňa berk jan saglyk, maşgala abadançylygyny, alyp barýan işlerinde üstünlikleri arzuw etdi.

Duşuşygyň ahyrynda söhbetdeşler birek-biregi tutuş musulman dünýäsinde mukaddes saýylýan Gurban baýramy bilen tüýs ýürekden gutladylar.



# TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI WELOSIPEDÇILERIŇ HALKARA BIRLEŞIGINIŇ WISE-PREZIDENTINI KABUL ETDI

*2023-nji ýylyň 24-nji iýunynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Welosipedçileriň halkara birleşiginiň wise-prezidenti, Aziýa welosport konfederasiýasynyň prezidenti Osama Al Şafary kabul etdi.*



Wagt tapyp kabul edendigi we türkmen topragynda bildirilen myhmansöýerlik üçin hoşallyk bildirip, myhman Welosipedçileriň halkara birleşiginiň welosiped sportunyň ösdürilmegine uly goşant goşýan ýurdumyz bilen däp bolan hyzmatdaşlygy giňeltmäge gyzyklanma bildirýändigini nygtady. Bellenilişi ýaly, Türkmenistan sport ulgamynda uly üstünlikleri gazanýar we ilaty sagdyn durmuş ýörelgelerine işjeň çekmekde dünýä bileleşigine nusgalyk görelde görkezýär.

Döwlet Baştutanymyz myhmany mübärekläp hem-de hoşniýetli sözler üçin minnetdarlyk bildirip, şu gezekki saparyň çäklerinde welosiped sporty boýunça hyzmatdaşlygyň häzirki ýagdaýyny, geljekki ugurlaryny ara alyp maslahatlaşmak, ýurdumyzda welosiped sportunyň ösdürilişi bilen tanyşmak üçin mümkinçilikleriň dörediljekdigine ynam bildirdi we geçiriljek gepleşiklerde üstünlikleri arzuw etdi.

Hyzmatdaşlygyň geljekki ugurlary boýunça pikir alyşmalaryň dowamynda ýurdumyzda sportuň bu görnüşiniň soňky ýyllarda uly meşhurlyga eýe bolandygy bellenildi. Döwlet Baştutanymyzyň nygtaýşy ýaly, Türkmenistanda bedenterbiýe-sagaldyş hereketiniň ösdürilmegine, ynsan ömrüniň dowamlylygynyň artdyrylmagyna möhüm üns berilýär. Häzirki zaman bedenterbiýe-sagaldyş toplumlary, köpugurly stadionlar, sport mekdepleri yzygiderli gurlup ulanmaga berilýär. Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow ýurdumyzda welosiped sportunyň ösdürilmegine we onuň raýatlarymyzyň arasynda giňden wagyz edilmegine aýratyn üns berilýändigini aýtdy. Bu ugurda ýurdumyzda köpçülikleýin welosipedli ýörişleri geçirmek asylly däbe öwrüldi.

Häzirki döwürde sport diplomatiýasy halkara hyzmatdaşlygyň möhüm ugry bolup durýar we ol halklaryň ynanyşmak, birek-birege düşünişmek ýagdaýynyň emele gelmegine ýardam berýär. Türkmenistanyň başlangyjy esasynda 2018-nji ýylda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 3-nji iýuny "Bütindünýä welosiped güni" diýip yglan etmek hakyndaky Kararnamany kabul edendigini belläp, döwlet Baştutanymyz ýurdumyzyň Milli Olimpiýa komiteti we sport federasiýalary, Halkara Olimpiýa Komiteti hem-de beýleki sport düzümleri bilen ýakyn gatnaşyklary saklaýandygyna ünsi çekdi. Türkmenistanda sportuň dürli görnüşleri boýunça iri halkara ýaryşlar geçirilýär, türkmen türgenleri halkara bäsleşiklere gatnaşyp, baýrakly orunlara mynasyp bolýarlar.

Döwlet Baştutanymyz 2017-nji ýylda Aziýanyň Olimpiýa Geňeşi tarapyndan Aşgabat şäherinde Ýapyk binalarda we söweş sungaty boýunça V Aziýa oýunlarynyň üstünlikli geçirilendigini kanagatlanma bilen nygtady. Bellenilişi ýaly, Türkmenistan sportuň ähli görnüşleri boýunça iri halkara ýaryşlary geçirmäge ukyplydyr we Aşgabadyň Olimpiýa şäherçesindäki ajaýyp ýapyk Welotrek binasyny ulanmagyň mümkinçiliklerine garamaga taýýardyr.

Öz gezeginde, Welosipedçileriň halkara birleşiginiň wise-prezidenti, Aziýa welosport konfederasiýasynyň prezidenti Osama Al Şafar Türkmenistanyň iri sport ýaryşlaryny birkemsiz guramakda tejribe toplandygyny, munuň bolsa ýurtda dünýä ýaryşlaryny ýokary guramaçylyk derejesinde geçirmekde ygtybarly binýat bolup hyzmat etjekdigini nygtady.

Duşuşygyň çäklerinde hormatly Prezidentimiz we myhman özara düşünişmegiň ýokary derejesine eýe bolan ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň möhüm meseleleri boýunça pikir alyşdylar. Osama Al Şafaryň Türkmenistanyň Mejlisi bilen Birleşen Arap Emirlikleriniň Federal Milli Geňeşiniň arasyndaky parlamentara dostluk toparynyň emirlikler böleginiň başlygy bolup durýandygyny belläp, döwlet Baştutanymyz ýurdumyzyň BAE bilen iki döwletiň halklarynyň abadançylygynyň bähbidini esasy ugur edinýän dostlukly gatnaşyklary mundan beýläk-de berkitmäge gyzyklanma bildirýändigini aýtdy.

Duşuşygyň ahyrynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow we myhman netijeli hyzmatdaşlygyň işjeň dowam etdiriljekdigine ynam bildirip, birek-birege berk jan saglyk hem-de uly üstünlikleri arzuw etdiler.

# ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПРИНЯЛ ЧРЕЗВЫЧАЙНОГО И ПОЛНОМОЧНОГО ПОСЛА РЕСПУБЛИКИ ТАДЖИКИСТАН

*28 июня 2023 года Президент Сердар Бердымухамедов принял вновь назначенного Чрезвычайного и Полномочного Посла Республики Таджикистан в Туркменистане Вафо Алибек Ниятбекзода.*



Вручая верительные грамоты, дипломат передал главе государства тёплые слова приветствия от Президента Таджикистана Эмомали Рахмона, подчеркнувшего особое значение укрепления традиционных уз дружбы и конструктивного сотрудничества с независимым нейтральным Туркменистаном, уверенно следующим по пути прогресса и процветания.

Поздравив полномочного представителя дружественной страны с назначением на высокий дипломатический пост, Президент Сердар Бердымухамедов передал ответные наилучшие пожелания высшему руководству и народу Таджикистана.

Пожелав Вафо Алибек Ниятбекзода больших успехов в важной и ответственной миссии, глава государства выразил уверенность, что предпринимаемые дипломатом усилия будут способствовать дальнейшему упрочению партнёрства между двумя странами, народы которых связывают многовековые узы дружбы.

– Таджикистан традиционно является надёжным другом и партнёром Туркменистана. Наше взаимодействие продолжает развиваться благодаря регулярным визитам на высшем уровне, а также активным переговорам и консультациям между внешнеполитическими ведомствами наших стран, – подчеркнул Президент Сердар Бердымухамедов.

В данном контексте был отмечен продуктивный характер недавнего государственного визита главы Туркменистана в Таджикистан, в ходе которого была подтверждена приверженность сторон дальнейшему укреплению плодотворного сотрудничества, отвечающего как обоюдным интересам, так и целям благополучия в региональном и глобальном измерении.

Как подчёркивалось в ходе встречи, особое значение в политическом диалоге между Туркменистаном и Таджикистаном уделяется тесному взаимодействию в рамках авторитетных международных и региональных структур, таких, как Организация Объединённых Наций, Организация по безопасности и сотрудничеству в Европе, Содружество Независимых Государств и Организация экономического сотрудничества.

Взаимодействие между Туркменистаном и Таджикистаном охватывает различные сферы, включая политику, экономику, культуру, образование, транспорт и др. Наша цель – укрепление взаимопонимания и расширение связей во всех этих областях для общего блага наших народов, – подчеркнул Президент Сердар Бердымухамедов.

– Мы гордимся достижениями в развитии наших отношений и с радостью смотрим вперёд, на новые перспективы сотрудничества, сказал глава Туркменского государства.

В завершение встречи Президент Сердар Бердымухамедов ещё раз поздравил Чрезвычайного и Полномочного Посла Республики Таджикистан Вафо Алибек Ниятбекзода с началом работы в Туркменистане и пожелал ему успехов в ответственной миссии, нацеленной на укрепление конструктивного межгосударственного диалога.

# СОСТОЯЛИСЬ ТУРКМЕНО-ИТАЛЬЯНСКИЕ МЕЖМИДОВСКИЕ КОНСУЛЬТАЦИИ



23 июня 2023 года заместитель министра иностранных дел Туркменистана В.Хаджиев провёл переговоры с делегацией во главе с Послом, Координатором по Центральной Азии в Генеральном департаменте по политическим вопросам Министерства иностранных дел Италии Джанлукой Гранди.

В ходе встречи стороны обсудили вопросы двусторонней повестки, а также перспективы развития туркмено-итальянских отношений по ряду аспектов политико-дипломатического, торгово-экономического и культурно-гуманитарного характера.

Дипломаты констатировали плодотворное взаимодействие Туркменистана и Италии в рамках авторитетных международных структур, прежде всего, в ООН, ЕС.

В контексте значимости в межгосударственных отношениях межпарламентского сотрудничества, В.Хаджиев отметил, что в нынешнем году был сформирован новый состав парламентской группы дружбы Туркменистан-Италия и в этой связи, предложено активизировать взаимодействие в данном направлении.

Стороны отметили большие возможности в дальнейшем расширении торгово-экономического сотрудничества, актуальность проведения встреч и форумов между предпринимателями двух стран.

Подчёркнуто развитие эффективного сотрудничества в области культуры, археологии, образования и изучения итальянского языка.

Интернет газета
Международные новости

# MAGTYMGULYNYŇ DÖREDIJILIGI — DÜNÝÄ MEDENIÝETINIŇ HAZYNASY

**2023-nji ýylyň 26-njy iýunynda paýtagtymyzda “Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwri we Magtymguly Pyragy” atly halkara ylmy maslahat geçirildi. Türkmen halkynyň nusgawy şahyry we akyldary Magtymguly Pyragynyň doglan gü-nüniň 300 ýyllygyna bagyşlanan baýramçylyk çäreleriniň meýilnamasyna laýyklykda geçirilýän ylmy maslahatyň baş maksady Gündogar halklarynyň nusgawy edebiýatyny, filosofik mirasyny çuňňur öwrenmekden, wagyz etmekden, ol halklaryň diliniň we edebiýatynyň özara baglanyşygy boýunça ylmy barlaglara badalga bermekden ybaratdyr.**

Halkara ylmy maslahatyň açylyş dabarasy Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde geçirildi. Oňa Mejlisiň Başlygy, Hökümet agzalary, Ylymlar akademiýasynyň, jemgyýetçilik guramalarynyň, ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, akademiki institutlaryň we ýokary okuw mekdepleriniň, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň ýolbaşçylarydyr wekilleri, ylym we medeniýet işgärleri, talyp ýaşlar gatnaşdylar. Türki medeniýetiň halkara guramasynyň (TÜRKSOÝ) Baş sekretary, şeýle hem bu gurama agza döwletleriň we başga-da birnäçe ýurtlaryň alymlary, ugurdaş hünärmenleri forumyň myhmanlary boldular.

Maslahatyň Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde geçirilmeginde uly many bardyr. Ol beýik türkmen şahyrynyň, geljek ýylda umumymilli we halkara derejede doglan gününiň 300 ýyllygy giňden belleniljek Magtymgulynyň adyny göterýän ýurdumyzda iri ýokary okuw mekdepleriniň biridir. Onuň Türkmenistanda ilkinji bolup dünýäniň 180 ýurdunyň ýokary okuw mekdeplerini özünde jemleýän “All University Info” halkara sanawyna girizilendigi bellärliklidir.

Açylyş dabarasynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň ylmy maslahata gatnaşyjylara iberen Gutlagy okaldy. Onda bu maslahatyň beýik türkmen şahyry we Gündogaryň akyldary Magtymguly Pyragynyň dünýä edebiýatynyň altyn hazynasyna girizilen edebi mirasyny öwrenmek, bu ugurda halkara hyzmatdaşlygy has-da pugtalandyrmak we giňeltmek babatda ähmiýetiniň örän uly boljakdygyna ynam bildirilýär.

Türkmen halkynyň ykbalyny öňünden gören Magtymguly Pyragynyň Garaşsyz we berkarar döwlet baradaky arzuwlarydyr gymmatly ündewleri biziň alyp barýan döwlet syýasatymyzyň esaslaryny düzýär. Biz dünýä halklarynyň edebiýatymyz, medeniýetimiz, sungatymyz, milli ýörelgelerimiz bilen içgin tanyşmaklary, döwletleriň we halklaryň arasynda ylym, bilim, medeni-ynsanperwer ugurly gatnaşyklaryň has-da pugtalandyrylmagy üçin giň mümkinçilikleri döredýäris. Adamzat hakydasynda edebi ýadygärlik galdyran ägirtlerimiziň gymmatly mirasynyň öwrenilmegine hem-de dünýäde giňden ýaýradylmagyna ýardam edýän tagallalary hemmetaraplaýyn goldamagy geljekde-de dowam etdireris. Bu halkara ylmy maslahat 2024-nji ýylda belleniljek Magtymguly Pyragynyň 300 ýyllyk şanly toýuna mynasyp goşantdyr, şahyra goýulýan belent hormat-sarpanyň nyşanydyr diýip, döwlet Baştutanymyz Gutlagynda belleýär.

Hormatly Prezidentimiziň Gutlagy ýurdumyzda milli ylmyň ösdürilmegine, türkmen halkynyň taryhy-medeni, edebi-pelsepe mirasynyň hemmetaraplaýyn öwrenilmegine ägirt uly üns berilýändiginiň nobatdaky beýanyna öwrüldi. Ol dabara gatnaşyjylar tarapyndan uly ruhubelentlik we şowhunly el çarpyşmalar bilen garşylanyldy.

Halkara maslahatyň dowamynda daşary ýurtlaryň wekilleriniň eden çykyşlarynda bu forumyň Magtymguly Pyragynyň edebi mirasyny köptaraplaýyn esasda öwrenmekde aýratyn ähmiýetlidigi bellenildi.

Çykyş edenler hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň türkmen halkynyň nesilden-nesle geçirip gelýän we häzirki döwürde halkara giňişlikde wagyz edilýän özboluşly däp-dessurlarynyň, taryhy-medeni mirasynyň saklanylmagyna, ylmy esasda çuňňur öwrenilmegine gönükdirilen döwlet syýasatynyň ägirt uly ähmiýete eýedigini nygtadylar. Parahatçylyk söýüjilikli, döredijilikli daşary syýasaty alyp barýan ýurdumyz medeni diplomatiýanyň öňe ilerledilmegine aýratyn üns berýär. Şeýle hem forumyň dowamynda Türkiýe Respublikasynyň Pamukkale uniwersitetiniň professory Söner Saglam Türkiýäniň ylmy jemgyýetçiligi tarapyndan terjime edilen “Türkmeniň ruhy atasy Magtymguly hakynda rowaýatlar” atly kitabyň türk we türkmen dillerinde neşir edilendigini belledi.

Maslahatyň ýokary guramaçylyk derejesiniň üpjün edilendigi hem-de




oňa gatnaşmaga çakylyk üçin hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowa tüýs ýürekden hoşallyk bildirip, daşary ýurtly myhmanlar bu forumyň ynsanperwer ulgamdaky hyzmatdaşlygy ösdürmek, halklaryň arasynda dost-doganlyk gatnaşyklaryny pugtalandyrmak we netijeli hyzmatdaşlygy ösüşiň täze derejesine çykarmak üçin ähmiýetlidigini nygtadylar.

Umumy mejlis tamamlanandan soňra, halkara ylmy maslahat öz işini bäş bölümçede dowam etdi. Şeýlelikde, Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetinde “Pyragy hem Arkadag — köňüllere şamçyrag”, Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde “Magtymguly we onuň zamanasy” ady bilen geçirilen mejlisleriň çäklerinde alymlaryň duşuşyklary boldy. Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynda bolsa foruma gatnaşyjylar “Magtymguly we Gündogar edebiýaty” atly mejlise gatnaşdylar. Türkmen döwlet medeniýet institutynda “Magtymgulynyň şygryýet älemi”, Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynda “Magtymgulynyň döredijiliginde ynsanperwerlik” mowzuklaryna garaldy. Olar türkmen halkynyň beýik nusgawy şahyrynyň baý edebi mirasy mundan beýläk-de wagyz etmäge, degişli ylmy barlaglary çuňlaşdyrmaga we giňeltmäge, halkara ylmy-edebi jemgyýetçiligiň ünsüni şahyryň şygryýetine, pelsepe garaýyşlaryna çekmäge gönükdirildi.

Çykyş edenler türkmen halkynyň köpasyrlyk paýhasly ýörelgelerini, onuň şahyrana diliniň gözelligini özünde jemleýän hem-de her bir adam üçin ýakyn bolan gymmatlyklary wagyz eden Magtymguly Pyragynyň zehinine aýratyn sarpa goýulýandygyny nygtadylar. Şeýle hem myhmanlar beýik türkmen şahyrynyň döredijilik mirasynyň dünýäde giňden wagyz edilýändigini aýratyn bellediler.

Jemleýji mejlisde “Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwri we Magtymguly Pyragy” atly halkara ylmy maslahatyň jemleri jemlenildi. Ýygnananlaryň umumy pikirine görä, bu forum halkara ylmy we medeni gatnaşyklaryň ösdürilmegine mynasyp goşantdyr. Maslahatyň ahyrynda oňa gatnaşyjylar hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň adyna Ýüzlenme kabul etdiler. Onda tejribe alşylmagyny we hyzmatdaşlygyň geljekki ugurlaryny kesgitlemegi esasy ugur edinen forumyň ýokary guramaçylyk derejesi üçin hoşallyk sözleri beýan edilýär.

Forumyň ýörite medeni maksatnamasy oňa gatnaşyjylarda ýatdan çykmajak täsirleri galdyrdy. Maksatnamanyň çäklerinde myhmanlar Arkadag şäherinde, “Nusaý” döwlet taryhy-medeni goraghanasynda, paýtagtymyzyň muzeýlerinde boldular.

Özara gatnaşyklar, işjeň tejribe alyşmak çeper döredijiligiň usullaryny has-da kämilleşdirmegiň ýolundaky ösüşe, onuň işjeňligine giň ýol açýar. Magtymguly Pyragynyň Gündogaryň şygryýetiniň owazyny, paýhasyny we sazlaşygyny özünde jemleýän eserleri sebitiň hem-de dünýäniň halklarynyň milli edebiýatynyň, ruhy medeniýetiniň ösüş ýoluna şamçyragdyr.

# НОВОСТИ МИРА И РЕГИОНА

***Встреча Посла М.Аязова в Союзе промышленников и предпринимателей Армении***

*21 июня 2023 года состоялась встреча Чрезвычайного и Полномочного посла Туркменистана в Армении М.Аязова с заместителем председателя Союза промышленников и предпринимателей Армении Нерсесом Караманукяном.*

*Во время встречи были обсуждены вопросы торгово-экономической повестки, налаживание контактов между бизнесменами, предпринимателями Туркменистана и Армении. Было констатировано, что наблюдается рост товарооборота между двумя странами.*

***Деловая встреча Посла Туркменистана с представителями китайских транспортно-логистических компаний***

*Посольство Туркменистана в КНР при поддержке компании «Hиahe International Business Consultancy» провело в пекинской юридической компании “Инхэ” деловую встречу посла Туркменистана по раскрытию транспортно-логистического потенциала Туркменистана.*

*В мероприятии приняли участие представители Пекинского офиса ОАО «Транспортно-логистический центр Туркменистана» (ТУЛМ), а также китайских транспортно-логистических компаний и Ассоциаций, Пилотной зоны Китай-ШОС и Государственного управления железных дорог КНР.*

*Посол Туркменистана в своем вступительном слове предложил рассмотреть вопросы увеличения грузовых перевозок из Китая, который является всесторонним стратегическим партнёром Туркменистана, с использованием возможностей международных транспортно-транзитных коридоров, пролегающих через Туркменистан, в направлении имеющих колоссальный потенциал регионов, таких как Южная и Западная Азия, Восточная и Южная Европа, Ближний Восток и другие.*

***Посол Туркменистана в Японии встретился с заместителем министра иностранных дел Японии по парламентским вопросам***

*22 июня 2023 года в здании Министерства иностранных дел Японии состоялась встреча Посла Туркменистана в Японии А.Байрамова с заместителем министра иностранных дел Японии по парламентским вопросам Юуми Ёшикава.*

*На встрече был обсуждён ряд вопросов двустороннего сотрудничества в политико-дипломатической, торгово-экономической и культурно-гуманитарной сферах. В частности, стороны подчеркнули важность проведения политических консультаций между министерствами иностранных дел Туркменистана и Японии в 2023 году.*

*Было отмечено, что две страны эффективно сотрудничают не только на двусторонней основе, но и в рамках международных структур.*

***Встреча с делегацией провинции Ганьсу***

*С целью презентации предстоящей в августе-сентябре 2023 года в городе Дунхуань провинции Ганьсу 6-ого Международного культурного Экспо «Шелковый путь (Дунхуань)», Посольство Туркменистана в Китае посетила делегация провинции во главе с членом Постоянного комитета Коммунистической партии, министром информации провинции Ганьсу Чжан Юнься и провела встречу с послом Туркменистана и дипломатами Посольства.*

*Посол Туркменистана в КНР рассказал о культурно-цивилизационном вкладе Туркменистана, его нынешнем экономическом и социальном развитии, энергетических и транспортно-логистических возможностях, а также предстоящих к реализации больших планах.*

***Материалы подготовлены на основе интернет-источников.***